# ÖZ HUKUKLARYŇYZY BILIŇ

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda işleýän wagtyňyzda siziň hukuklaryňyzy beýan edýän kitapça.

Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça Milli Gyzgyn Belgi
1-888-373-7888 (diňe Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň çäginde)

**ÖZ HUKUKLARYŇYZY BILIŇ**

Biz Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolan döwrüňiz size peýdaly boljakdygyna ynanýarys. Ýöne, ýaramaz ýagdaýlar ýüze çykan halatynda siziň hukuklaryňyz bar we siz kömek alyp bilersiňiz!

**Siziň hukuklaryňyz:**

- Adalatly zähmet hakyny almak
- Diskriminasiýadan azat bolmak
- Jynsy kemsitmelerden we jynsy ekspluatasiýadan azat bolmak
- Saglykly we howpsuz iş gurşawynda işlemek
- Kärdeşler arkalaşyklaryndan, immigrant we zähmet hukuklary boýunça toparlardan kömek almak
- Zorlukly iş ýagdaýyny terk etmek

EGER-DE SIZE GARŞY NÄDOGRY HEREKET EDILÝÄN BOLSA AŞAKDAKY TELEFON BELGISI ARKALY ADAM SÖWDASYNA GARŞY GÖREŞMEK BOÝUNÇA MILLI GYZGYN BELGÄ ÝÜZ TUTUŇ

1-888-373-7888 (ABŞ-nyň ÇÄKLERINDE) 233733 BELGISINE "HELP" SMS UGRADYŇ (ABŞ-nyň ÇÄKLERINDE) ÝA-DA NHTRC@POLARISPROJECT.COM SALGYSYNA EMAIL IBERIŇ

TÜRGENLEŞIK GEÇEN HÜNÄRMENLER 200-den GOWRAK DILDE KÖMEK BERMEK ÜÇIN ELMYDAMA ÝERINDEDIR. ÖZ ADYŇYZY AÝTMAK ÝA-DA ÖZÜŇIZI ÄŞGÄR ETMEK HÖKMAN DÄL.
HAS KÖP MAGLUMAT ÜÇIN:
*WWW.TRAFFICKINGRESOURCECENTER.ORG*.

Eger-de size gönümel howp abanýan bolsa, 911 belgisi (ABŞ-da) boýunça polisiýa jaň ediň. Olara öz ýagdaýyňyzy, ýerleşýän ýeriňizi we jaň edýän telefon belgiňizi aýdyň. Eger-de iňlisçe bilmeýän bolsaňyz terjimeçini haýyş ediň. Polisiýa geleninde olara şu kitapçany görkezip, özüňize garşy edilen zorlukly hereketler barada aýdyp beriň.

Eger-de siz A-3, G-5, H, J, NATO-7 ýa-da B1 immigrant däl öý işgäri wizasyny alan bolsaňyz, onda wiza almak üçin söhbetdeşlige geleniňizde şu kitapçany almagyňyzy maslahat berýäris. Konsullygyň işgäri siz wizaňyzy almazdan ozal, siziň şu kitapçany alandygyňyza, okandygyňyza we mazmunyna düşünendigiňize göz ýetirmelidir. Eger-de ýok bolsa, konsullygyň işgäri size şu kitapçany bermeli we ol barada siz bilen gürleşmeli. Mundan başgada, konsullygyň işgäri kitapçada berlen maglumat boýunça siziň islendik soraglaryňyza jogap bermelidir.

**WIZA STATUSYŇYZA GARAMAZDAN SIZIŇ HUKUKLARYŇYZ**

Eger-de siz hukuklaryňyzyň bozulandygyna ynanýan bolsaňyz bu barada döwlet agentligine, kärdeşler arkalaşygyna, döwlete degişli däl gurama ýa-da size kömek edip biljek beýleki gurama habar beriň. Eger-de siz iňlisçe bilmeýän bolsaňyz, terjimeçini haýyş ediň.

1. Adalatly zähmet hakyny almak hukugyňyz
    - Siz eden ähli işiňiz üçin töleg almaga hukugyňyz bardyr.
    - Hünärleriň köpüsi üçin federal kanunçylygy tarapyndan kesgitlenen iň az möçberdäki zähmet hakyny almaga hukugyňyz bardyr. Häzirki wagtdaky federal iň az möçberi bilmek üçin www.dol.gov/whd/minimumwage.htm
    - Siziň federal iň az möçberden has ýokary zähmet hakyny almaga hukugyňyz bar, eger-de:
        - Siz has ýokary iň az möçber kesgitlenen ştatda, şäherde ýa-da okrugda zähmet çekýän bolsaňyz.
        - Siziň zähmet şertnamaňyz/wiza maksatnamaňyz has ýokary möçberiň bolmagyny kesgitleýän bolsa.
    - Hepdede 40 sagatdan artykmaç işlän islendik sagatlaryňyz üçin siziň sagatlaýyn zähmet hakyňyzyň bir ýarym essesiniň tölenmegine hukugyňyz bardyr. Mysal üçin, siziň sagatlaýyn zähmet hakyňyz 10 dollar bolsa, hepdede 40 sagatdan artyk işlän sagatlaryňyz üçin iş berijiňiz size 15 dollar tölemäge borçly bolup biler.
    - Eger-de iş berijiňiz siziň zähmet hakyňyzyň bir bölegini alýan bolsa, muňa tutum diýip at berilýär. Iş berijiňiz zähmet hakyňyzdan alan her bir tutumyny size anyk düşündirmelidir.
    - Tutumlardan soň alýan zähmet hakyňyz kanun boýunça talap edilýän möçberden az bolýan bolsa, bu tutumlar bikanun bolup biler. Adatça, iş beriji iş eşikleri (uniforma), gorag serişdeleri, zerur enjamlar, sarp edilýän serişdeler, enjamlar ýa-da işe almak bilen bagly çykdajylary zähmet hakyndan tutmaga hukugy ýokdur. Wizalaryň käbir görnüşleri üçin ýaşaýyş jaýy mugt üpjün edilmelidir.
    - Kanuny tutumlara siziň özüňiziň saýlan, ýagny saglyk ätiýaçlandyrmasy, kärdeşler arkalyşyklarynyň tölegleri ýa-da zähmet hakynyň awanslary, şeýle hem iş berijiniň kazyýet çözgüdi esasynda tutmaly tölegleri, ýagny çaganyň idegi üçin, alimentler, ýa-da bankrotlyk prosedurasy bilen bagly tölegler degişlidir. Käbir kadadan çykmalaryň daşynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda zähmet

MASLAHAT: Geljekde ulanmak üçin şu kitapçany ýanyňyz bilen ABŞ alyp gidiň.

Siziň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolýan wagtyňyzyň dowamylygyna baglylykda, size saglyk ätiýaçlandyrmasy zerur bolup biler. Şeýle hem, saglyk ätiýaçlandyrmasynyň bahasyny azaltmak üçin maliýe kömegine dalaş edip bilersiňiz.

çekýän immigrant däl wizalaryň eýelerine federal we ştat derejesinde girdeýji we işlilik salgydy salynýar. Siz we iş berijiňiz girdeji salgydynyň gönümel siziň zähmet hakyňyzdan tutulmagy barada ylalaşyp bilersiňiz. Adatça, iş berijiňiz zähmet hakyndan salgytlary, şol sanda sosial üpjünçilik we saglyk salgytlaryny gönümel siziň zähmet hakyňyzdan tutup alýar.

2. Diskriminasiýadan azat bolmak hukugyňyz
    - Iş berijiniň ýaşyňyz (eger-de 40 we ondan uly ýaşda bolsaňyz), jynsyňyz, urugyňyz, milli gelip çykyşyňyz ýa-da etniki toparyňyz, teniňiziň reňki, diniňiz, genetiki maglumatyňyz (şol sanda maşgalaňyzyň lukmançylyk taryhy) ýa-da çäkendirilen mümkinçiligiňiz sebäpli iş ýeriňizde size garşy tapawutly ýa-da ýaramaz hereket etmegi bikanundyr.
    - Iş berijiňiz siz zenan, göwreli, çaga emdirýän ýa-da göwreli bolup biljegiňiz üçin size garşy tapawutly hereket etmeli däldir.

3. Jynsy kemsitmelerden we jynsy ekspluatasiýadan azat bolmak hukugyňyz
    - Işe berijiňiziň sizi jynsy taýdan kemsitmesi bikanundyr. Iş berijiňiz siz babatda kemsidiji jynsy zatlary aýtmaly däldir.
    - Iş berijiňiz sizi jynsy ekspluatasiýa etmegi bikanundyr, şol sanda:
        - Islendik jynsy gatnaşygyny etmegi talap etmek;
        - Size seksual manyda el degirmek;
        - Size jynsy gatnaşyk etdirmek üçin güýç ulanmak, zor salmak ýa-da mejbur etmek.

4. Saglykly we howpsuz iş gurşawda zähmet çekmek hukugyňyz
    Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda zähmet çekýän hökmünde siziň howpsuz, saglykly iş şertlerine hukugyňyz bardyr, şol sanda:
    - Lukmançylyk bejergisi: iş bilen bagly şikesleriňizi we ýarawsyzlyklaryňyz barada iş berijä habar bermek. Eger-de siz iş ýerinde şikes alan ýa-da ýarawsyz bolan bolsaňyz, siziň lukmançylyk bejergisini soramaga hukugyňyz bardyr. Köplenç ýagdaýlarda, iş bilen bagly şikesler we ýarawsyzlyk üçin iş berijiňiz mugt

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gitmezden ozal, immigrant işgärleriň guramalaryndan ýa-da öňki immigrant işgärlerden maslahat alyň. Olar size Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolan döwrüňizde mesele ýa-da soraglar ýüze çykanda kömek berip biljek adamlaryň ýa-da guramalaryň atlaryny we telefon belgilerini berip bilerler.

lukmançylyk bejergisini üpjün etmelidir we saglyk ýagdaýy sebäpli ýitiren zähmet hakyňyzyň bir bölegini tölemelidir. Belkide siz, işleýän ştatyňyzda işgärlere tölenýän öwezlik tölegi üçin arza bermeli bolarsyňyz.

- Gorag serişdeleri: eger-de siz pestisidler ýa-da howply himiki serişdeler bilen işleşmeli ýa-da olaryň arasynda işlelemeli bolýan bolsaňyz, iş berijiňiz munuň üçin aýry töleg tölemelidir we gorag (respirator ýa-da ellik ýaly) serişdeleri bilen üpjün etmelidir.
- Türgenleşik: siz howplar, olaryň öňüni almak boýunça maglumat almaga we türgenleşik geçmäge, şeýle hem siziň iş ýeriňize degişli howpsuzlyk we iş gigiýenasy standartlary barada habardar bolmaga hukugyňyz bardyr. Türgenleşik size düşnükli dilde we sözlükde geçirilmelidir.
- Ýaşaýyş jaýy: eger-de iş beriji ýaşaýyş jaýyny üpjün edýän bolsa, ol arassa we howpsuz bolmalydyr. Siziň iş sagatlarynyň daşynda ýaşaýyş jaýyndan çykmagyňyza rugsat berilmelidir.
- Hajathanalar: hajathanalar arassa we elýeter bolmalydyr. Siziň iş berijiňiz hajathanalary size zerur bolşuna görä elýeter etmelidir.
- Agyz suwy: siziň arassa agyz suwy bilen üpjün edilmäge hukugyňyz bardyr.
- Sabyn we arassa suw: siziň zerurlyga laýyklykda, esasan hem, pestisidlere/himiki serişdelerine, şol sanda daşy pestisidli/himiki serişdeli gök önümlere ýa-da miwelere eliňizi degireniňizden soňra, eliňizi sabyn we arassa suw bilen ýuwmaga hukugyňyz bardyr.
- Garaşylmadyk saglyk ýagdaýlary: siziň çykdajylaryňyzyň öwezi dolup bilner, şonuň üçin hem iş berijiniň zerur resminamalary wagtynda resmileşdirip bilmegi üçin şikes alanyňyzda ýa-da ýarawsyz bolanyňyzda bu barada oňa mümkin bolan iň gysga wagtyň içinde habar beriň. Lukmanyň ýanynda, klinikada ýa-da hassahanada bolanyňyzda siziň şikesiňizi ýa-da ýarawsyzlygyňyzy tassyklaýan resminamalary bermeklerini haýyş ediň.

Eger-de siz pestisidler ýa-da howply himiki serişdeler bilen işleşýän ýa-da olaryň arasynda işleýän bolsaňyz:

- Siziň işleşýän himiki serişdeleriňizi bilmäge we olara düşünmäge hukugyňyz bardyr hem-de iş berijiňiz size şol himiki serişdeler bilen iş salyşmak babatynda tölegli türgenleşik geçirmelidir.
- Iş berijiňiz pestisidleriň haçan we nirde ulanylandygyny, şeýle hem tötänleýin pestisidleriň täsirine sezewar bolmazlyk üçin olaryň ulanylan ýerine täzeden barmagyň haçan howpsuzdygyny aýtmalydyr. Pestisidleriň ulanylan ýerlerinde bolmaň.

5. Kardeşler arkalaşyklaryndan, immigrant we zähmet hukuklary toparlaryndan kömek soramak hukugy
    - Birnäçe kadadan çykmalaryň daşynda, siziň öz işdeşleriňiz bilen bilelikde iş berijiden zähmet hakyny köpeltmegini ýa-da iş şertlerini gowulandyrmagyny talap etmäge hukugyňyz bardyr. Işgärleriň köpüsiniň hem, kärdeşler arkalaşygyny döretmäge, oňa goşulmaga we siziň iş ýeriňizdäki birleşige goldaw bermäge hukugy bardyr.
    - Siz iş başynda däl wagtyňyz, zähmet haklarynyň artdyrylmagyny we iş şertleriniň gowulandyrylmagyny talap edýän köpçülikleýin çykyşlara, mitinglere we demonstrasiýalara gatnaşmaga hukugyňyz bardyr.
    - Siziň immigrasion statusyňyza garamazdan siziň bu hukuklaryňyz bardyr. Iş berijiňiz siziň öz hukuklaryňyzy goraýandygyňyz üçin size garşy çäre ulanmaly däldir.

6. Zorlukly iş şertlerini terk etmek hukugyňyz
    - Size zorluk salnanda siziň üçin iň esasy zat howpsuz ýer gözlemekdir. Eger-de iş berijiňiz size zorluk salýan bolsa, siz iş ýerinde galmaga borçly dälsiňiz.
    - Iş berijini taşlan ýagdaýyňyzda siziň wizaňyz güýjüni ýitirse hem, siziň wiza statusyňyzy ýa-da iş berijiňizi çalyşmaga mümkinçiligiňiz bolar. Muny ýerine ýetirmek üçin belkide Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan gitmeli bolmagyňyz mümkin. Wiza statusyňyz güýjüni ýitiren hem bolsa, zor salýan iş berijiden gideniňizden soňra hem size kömek elýeterlidir.
    - Siz işleýän döwrüňizde ýa-da işden çykanyňyzdan soňra, iş berijiňiziň üstünden arz edip bilersiňiz ýa-da kazyýete ýüz tutup bilersiňiz. Eger-

MASLAHAT: Iş berijiňiz, şertnama baglaşanyňyz ýa-da işe alyjyňyz tarapyndan size berlen hukuk maslahaty dogry bolman biler. Maslahaty garaşsyz hukukçydan alyň.

de iş berijiňiz munuň üçin size garşy çäre ulanýan bolsa, onda ol kanuna ters hereket edýändir.

## SIZIŇ IMMIGRANT DÄL STATUSYŇYZA ESASLANÝAN GOŞMAÇA HUKUKLARYŇYZ

A-3, G-5, NATO-7 we B-1 iş wizasy üçin

- Iş berijiňiz size ABŞ-nyň kanunçylygyna laýyk gelýän iş şertnamasyny bermelidir.
- Şertnamada öý işgärine tölenýän sagatlaýyn zähmet haky görkezilmeli. Sagatlaýyn zähmet haky ABŞ-nyň federal, ştat ýa-da ýerli kanunçylygynda bellenen iň pes zähmet haklarynyň arasynda iň ulysy bolmalydyr.
- Iş berijiler şertnamany siziň düşünýän diliňizde bermäge borçludyr. Şertnamanyň şertlerine düşünäýndigiňize göz ýetiriň we onuň şertlerine düşünmedik ýagdaýyňyzda şertnama gol çekmäň.

A-3, G-5 we NATO-7 öý işgärleri wizasynyň goşmaça talaplary
Iň azyndan şertnamada şu aşakdaky düzgünler bolmaly:

- Iş berijiniň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň ähli kanunlaryna görä hereket etmeklige razylygy.
- Zähmet hakynyň ýygylygy we görnüşi, iş borçnamalary, iş gününiň dowamlylygy, dynç günleri, saglyk boýunça dynç günnleri we zähmet rugsady barada maglumat görkezilmeli.
- Iş berijiniň siziň pasportyňyzy, iş şertnamaňyzy we beýleki şahsy emlägiňizi gizlemezlige razylygy.

H-2A Wagtlaýyn Oba hojalyk işgäriniň wizasy üçin

- Siz hiç haçan iş agentligine töleg geçirmeli dälsiňiz.
- Size ýazgyly iş şertnamasy siziň düşünýän diliňizde berilmeli. Onda zähmet haky, işiň dowamlylygy, sagatlary, ýeňillikleri (şol sanda ulag, ýaşaýyş şertleri we iýmit üpjünçiligi ýa-da nahar bişirme ýerleri) we siziň zähmet hakyňyzdan tutuljak tutumlar görkezilmeli.
- Size potratlaýyn zähmet haky tölenýändigine garamazdan, siziň adalatly zähmet hakyna hukugyňyz bardyr.
- Iş berijiňiz siziň iş ýerine gelmeli ýol harajatyňyzy tölemeli ýa-da pulyny bermelidir we siziň gaýdan ýeriňizden gelmeli ýeriňize çenli gelýänçäňiz günlik tölegi tölemelidir ýa-da siz iş şertnamaňyzyň ýarysyny talabalaýyk ýerine ýetireniňizden soňra laýykatly möçberde öwezini dolmalydyr. Iş şertnamaňyzy ýerine ýetireniňizden soňra, iş beriji siziň ýeriňize gaýdyp barmagyňyz üçin ýol harajatyňyzy tölemeli ýa-da pulyny bermelidir we siziň iş ýerinden gaýdan ýeriňize baarýançaňyz günlik tölegi tölemelidir. Siziň zähmet hakyňyzdan siziň harajatlaryňyz çykarylandan soňra, zähmet hakyňyz ABŞ-da

kesgitlenen iň pes zahmet hakyndan pes bolan ýagdaýynda, iş berijiňiz siziň ýurda giriş we ilkinji iş hepdesiniň wiza çykdajylaryňyzyň öwezini dolmagy talap edilip bilner. Şeýlede, iş berijiňiz size berlen ýaşaýyş jaýyndan iş ýerine çenli bolan ýol üçin ulag bilen üpjün etmelidir.
- Siziň H2-A wizaňyz bilen baglylykda ýerine ýetiren hyzmatlaryňyz üçin tölenen öwezlik töleginde ABŞ-nyň sosial üpjünçilik we saglyk salgytlaryndan boşadylýarsyňyz.
- Adatça, iş berijiňiz size iş şertnamasynyň hereket edýän döwrüniň iş günleriniň 3/4 böleginden umumy sagat sany az bolmadyk işi teklip bermeldir.

H-2B Wagtlaýyn Oba hojalyk işgäri däl wizasy üçin

- Siz hiç haçan iş agentligine töleg geçirmeli dälsiňiz.
- Size ýazgyly iş şertnamasy siziň düşünýän diliňizde berilmeli. Onda zähmet haky, işiň dowamlylygy, sagatlary, ýeňillikleri (şol sanda ulag, ýaşaýyş şertleri we iýmit üpjünçiligi ýa-da nahar bişirme ýerleri) we siziň zähmet hakyňyzdan tutuljak tutumlar görkezilmeli.
- Adatça, iş berijiňiz size her 12 hepdelik döwrüniň iş günleriniň 3/4 böleginden umumy sagat sany az bolmadyk işi teklip bermeldir.
- Size potratlaýyn zähmet haky tölenýändigine garamazdan, siziň adalatly zähmet hakyna hukugyňyz bardyr.
- Iş berijiňiz iş şertnamaňyzyň möhletiniň ýarysy tamamlan wagtyňyzda size daşary ýurtdan gelme ýol harajatlaryňyzy we ýaşaýyş çykdajylaryňyzyň tölegini geçirmelidir ýa-da öwezini dolmalydyr. Mundan başgada, iş şertnamasynyň möhleti gutarmazdan siz işi tamamlan ýa-da iş beriji sizi işden çykaran ýagdaýynda ol siziň öýe gaýdyp barmak boýunça ýol harajatlaryňyzy we ýolda geçiren günleriňiz üçin günlik tölegi tölemelidir. Şeýlede, siziň zähmet hakyňyzdan siziň harajatlaryňyz çykarylandan soňra, zähmet hakyňyz ABŞ-da kesgitlenen iň pes zahmet hakyndan pes bolan ýagdaýynda, iş berijiňiz siziň ýurda giriş we ilkinji iş hepdesiniň wiza çykdajylaryňyzyň öwezini dolmagy talap edilip bilner.

J-1 Çalşyk boýunça myhman wizasy

- Tassyklanan DS-2019 görnüşinde siziň maksatnamaňyzyň seneleri, çalşygyň kategoriýasy, siziň wiza hemaýatkäriňiziň ady we siziň çalşyk geçjek ýeriňiz bolan kabul edýän guramanyň ady bellenendir.
- Siziň wiza hemaýatkäriňiz ähli çykdajylary, şertleri we siziň çalşyk maksatnamaňyzyň çäklendirmelerini anyk düşündirmelidir.

Tomusky iş syýahaty

> MASLAHAT: Iş berijiňiz zähmet hakyňyzy wagtynda tölemelidir. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda işgärlere zähmet hakynyň iki hepdede bir sapar tölenmegi adaty tejribedir.

- Eger-de siz öňünden iş tapyp goýmadyk bolsaňyz, siziň wiza hemaýatkäriňiz siz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna geleniňizden soň iş tapmaga kömek bermelidir.

Tejribelige ýa-da türgenleşik okuwyna

- Siziň wiza hemaýatkäriňiz siz bilen gönümel söhbetdeşligi telefon ýa-da web kamerasy arkaly geçirmeli.
- Wiza hemaýatkäriňiz siziň aljak islendik girdejiňiziň hem-de okuw meýilnamasynyň gysgaça ýazgyly beýanynyny öz içine alýan tejribelik ýa-da türgenleşik geçmäniň meýilnamasyny (DS-7002 görnüşi) size bermelidir. Size her hepdede azyndan 32 iş sagady berilmelidir.
- Wiza hemaýatkäriňiz siziň tölemeli boljak çykdajyaryňyz we ýygmlaryňyz barada, şeýle hem Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýaşamaklyga bolan çykdajylaryň smetasyny ýazgyly görnüşde bermelidir.
- Wiza hemaýatkäriňiz size saglyk ätiýaçlandyrmasyny bermäge ýa-da tölemäge borçly däl hem bolsa, ol sizde saglyk ätiýalandyrmasynyň bardygyna göz ýetirmelidir.

Hojalykda kömekçi

- Sizi kabul edýän maşgala size ýokary okuw mekdebine ýazylmaga we sapaklara gatnamaga kömek bermelidir, şeýle hem bu sapaklaryň çykdajylarynyň 500 dollara çenlisini tölemelidir.
- Siz günde 10 sagatdan ýa-da hepdede 45 sagatdan artykmaç işlemäge borçly dälsiňiz.
- Siziň maslahatçyňyz siz we sizi kabul eden maşgala bilen yzygiderli ara



MASLAHAT: ýola çykmazdan ähli wajyp resminamalaryňyzyň, esasan hem pasportyň we wizanyň, iş şertnamasynyň we beýleki şahsyýeti tassyklaýan resminamalaryň iki nusgasyny alyp goýuň. Nusgalaryň bir toplumyny öz ýurduňyzda ynam edýän adamyňyzyň birine beriň, ikinjisini bolsa ýanyňyz bilen alyp gidiň.

## IMMIGRANT DÄL WIZAŇYZ

Immigrasion däl wiza – bu Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gelýän adamlara belli bir maksat bilen, şol sanda, iş, okuw, ýa-da medeni çalşyk maksatnamasyna gatnaşmak maksatly giriş edip bilmegini soramaga mümkinçilik berýän ABŞ-nyň hökümet resminamasydyr. Siz wiza almak üçin ABŞ-nyň daşary ýurtlarda ýerleşýän ilçihanalaryna ýa-da konsullyklaryna ýüz tutmalysyňyz. Immigrasion wizany alanyňyzdan soňra, siz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gidip bilersiňiz we ýurda giriş etmek üçin ony ABŞ-nyň immigrasion gullugynyň işgärine görkezmelisiňiz. Eger-de wizaňyzyň möhleti gutarsa, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gaýtadan gitmezden ozal, täze wiza almagyňyz zerurdyr.

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna geleniňizde, immigrasion gullugynyň işgäri siziň pasportyňyza möhür goýar we giriş senesini, girişiň görnüşini we “çenli giriş”




senesini bellär. ABŞ-nyň Raýatlyk we immigrasiýa gullugyna uzaltmaklyga arza bermedik bolsaňyz, siz “I-94” görnüşi esasynda “çenli giriş” senesine çenli Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan gitmelisiňiz. Siz öz I-94 ýazgylaryňyzy https://i94.cbp.dhs.gov web sahypasyndan barlap bilersiňiz.

MASLAHAT: Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna geleniňizden soňra, pasportyňyzy we beýleki ýol resminamalaryňyzy özüňize elmydama elýeter boljak ygtybarly ýerde saklaň. Iş berijiňiziň pasportyňyzy özünde saklamagy bikanundyr.

**ADAM SÖWDASY**

Adam söwdasynyň pidalarynyň goraga we hyzmatlara hukuklary bardyr, şeýle hem käbir jemgyýetçilik ýeňilliklerinden peýdalanyp bilerler. Adam söwdasy - bu täjirçilik jynsy gatnaşyklary maksady bilen çagalaryň ekspluatsiýasy, güýç, kezzapçylyk ýa-da mejbur etmek arkaly uly ýaşlylaryň täjirçilik maksatly jynsy ekspluatasiýasy hem-de islendik adamyň mejbury zähmet çekdirilmegi bilen bagly jenaýatdyr. Şunuň ýaly ekspluatasiýanyň günäkärleri, şol sanda olara degişli bolup biljek işçi güýjüniň söwdagärleri, sutenerler we täjirçilik maksatly jynsy gatnaşyklary satyn alýanlar, adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça federal kanunlaryna we ştatlaryň kanunlaryna laýyklykda jogapkärçilige çekilip bilner. Işçi güýjüniň söwdagärleri we jynsy gatnaşyklraýň söwdagärleri jenaýat jogapkärçiligine, şeýle hem administratiw raýat jogapkärçiligine çekilip bilner. Aşakda, adam söwdasyny görkezip biljek käbir duýduryjy alamatlaryň sanawy berlen.

**Howp salma we gorky**

Adam söwdagärleri we olara kömek edýän adamlar, sizi we beýleki adamlary gitmekden gorkuzmak üçin dürli howp salmalary we gorkudýan beýleki hereketleri ulanyp biler. Mysal üçin:

- Urmak, fiziki zorluk ýa-da jynsy zorluk;
- Urmak, fiziki zorluk ýa-da jynsy zorluk bilen gorkuzmak;
- Gulplap saklamak ýa-da işgäriň iş ýerinden ýa-da ýaşaýyş ýerinden çykmagyny gadagan etmek;
- Gitmäge, ýowuz daralmagyna nägilelik bildirmäge, ýagdaý barada hökümet gulluklaryna habar bermäge ýa-da kömek soramaga synanyşan ýagdaýyňyzyda özüňize ýa-da siziň maşgalaňyza zyýan bermek bilen gorkuzmak;
- Kömek soran ýagdaýyňyzda depostasiýa ýa-da tussag edilmek bilen gorkuzmak; ýa-da
- Gitmäge, ýowuz daralmagyna nägilelik bildirmäge, ýagdaý barada hökümet gulluklaryna habar bermäge ýa-da kömek soramaga synanyşan beýleki işgärleri gorkuzmak ýa-da olara zyýan ýetirmek ýa-da gaçmaga synanyşan islendik adamyň tutuljakdygy we yzyna gaýtaryljakdygy bilen gorkuzmak.

**Bergi**

Adam söwdagärleri we olara kömek edýän adamlar, bergiňiziň hasabyna sizden işlemegiňizi, hyzmatlary bermegiňizi ýa-da täjirçilik maksatly jynsy gatnaşyklary (jelepçilik) etmegiňizi talap edip biler. Käbir ýagdaýlarda bergi adam söwdagarleri tarapyndan döredilýär we mejbur edilýär. Sizi işlemäge, hyzmat etmäge ýa-da täjirçilik maksatly jynsy gatnaşyklara mejbur etmek ýa-da siziň gitmegiňiziň öňüni almak maksady bilen, bergiňiziň ulanylmagy kanundan daşarydyr. Adam söwdagärleri bergiňiziň üzülmegini kynlaşdyrmak üçin ony manipulýasiýa edip bilerler we bergiňizi üzýänçäňiz siz onuň golastynda bolmalydygyňyza ynandyryp bilerler. Bergi bilen manipulýasiýa etmegiň mysallary aşakda berlen:

- Laýykatly möhletde üzülmesi kyn ýa-da mümkin bolmadyk hem-de siziň gazanjak möçberiňize barabar bolmadyk bergä mejbur edilmegiňiz;
- Siziň öňden ylalaşmadyk ýa-da başda ylalşylan möçberden has uly möçberdäki karza mejbur edilmegiňiz;
- Siziň gazananyňyzy bergiňizi üzmegiň hasabyna goşmaklykdan ýüz öwürmek;
- Bergiňizi üzmek üçin näçe wagtyň dowamynda adam söwdagäriniň golastynda bolmalydygyňyzy size aýtmakdan ýüz öwürmek;
- Ulag, ýaşaýyş jaýy, iýmit we ýygymlaryň tölegleriniň siziň başdan ylalaşmadyk bergiňize goşulmagy; we
- Düzgünleriň bozulmagy, ýeterlik gazanmazlyk ýa-da ýeterlik işleriň, hyzmatlaryň ýa-da jynsy gatnaşyklaryň ýerine ýetirilmezligi üçin jezalaryň, tölegleriň we tutumlaryň bergä goşulmagy.

**Düzgünler we Gözegçilik**

Adam söwdagärleri we olara kömek edýän adamlar, siziň we beýlekileriň gitmegini, nägilelik bildirmegini we kömek soramagyny kynlaşdyrmak üçin düzgünleri we gözegçiligi ulanyp bilerler. Mysal üçin:

- Iş ýerini terk etmezlik ýa-da işlemeýän wagtyňyz gidip biljek ýerleriňizi berk çäklendirýän düzgünler;
- Pasportyňyzy, wizaňyzy, dogluş şahadatnamaňyzy ýa-da beýleki şahsyýetiňizi tassyklaýan resminamaňyzy özüňizde saklamagy gadagan edýän dügünler;
- Talabalaýyk iýmitiň, ukynyň ýa-da saglyk hyzmatlarynyň elýeterliligini gadagan etmek; ýa-da
- Siziň maşgalaňyz, işdeşleriňiz, müşderileriňiz we ýerlere baryp görýän hukuk ýa-da sosial işgärleri ýaly iş ýerinden daşardaky adamlar bilen aragatnaşygyňyzyň öňüniň alynmagy, gadagan edilmegi ýa-da gözegçilik edilmegi.

MASLAHAT: Iş berijiňiziň size garşy edýän islendik ýerliksiz gürrüňleriniň we/ýa-da hereketleriniň jikme-jik hasabatyny ýörediň hem-de bar bolan islendik şaýatlaryň atlaryny we olaryň telefon belgilerini belläp goýuň.

**Aldawlar we ýalanlar**

Adam söwdagärleri we olara kömek edýän adamlar, ýalanlary we aldawlary ulanyp biler. Mysal üçin:

- Işiň görnüşi, iş sagatlary, iş ýa-da ýaşaýyş şertleri ýa-da töleg barada ýalan söz bermeler;
- Gowy işi söz berip, soňradan işleriň, hyzmatlaryň başga görnüşini ýerine ýetirmäge ýa-da pully jelepçilik etmäge mejbur etmek; muňa şepagat uýalarynyň mugallymy hökmünde işletmekligi söz berip, soňradan garrylar öýünde işelmäge mejbur etmek ýa-da eneke hökmünde işletmekligi söz berip, soňradan sizi ekzotik tanslary ýerine ýetirmäge ýa-da pully jelepçilik etmäge mejbur etmek degişli bolup biler;
- Size hukuklaryňyzyň ýokdugyny aýtmak;
- Kömek soramaga synanyşan ýagdaýyňyzda size ynanmajakdyklaryny ýa-da deportasiýa ediljekdigiňizi aýtmak; ýa-da
- Adam söwdagärini tanamak işinde size ýalan sözlemegi tabşyrmak.

**Size zorluk salynýandygy barada habar bereniňizde siz deportasiýa edilersiňizmi?**

Zorluk salynýandygy barada habar berýän adamlary goramak boýunça maksatnamalar bar. Immigrasion howsalalaryňyz bar hem bolsa, kömek soramakdan çekinmeli dälsiňiz. Iş berijiňiz üçin işlemeýän imigrasion aklawjysy bilen maslahatlaşmagyňyzy maslahat berýäris.

Eger-de siz özüňiziň adam söwdasynyň ýa-da başga bir uly jenaýatyň, şol sanda zorlanmagyň ýa-da jynsy zorlugyň pidasydygyna ynanýan bolsaňyz, siziň başga immigrasion däl statusyny almaga hukugyňyz bardyr, mysal üçin, “T” (adam söwdasynyň pidalary üçin) ýa-da “U” (adam söwdasyny ýa-da beýleki uly jenaýatlaryň pidalary üçin) immigrant däl statusy ýa-da başga bir ýol bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolmak üçin wagtlaýyn rugsatnama. Bu immigrasion däl klassifikasiýalar pidalary goramak üçin döredildi. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda adamlaryň köpüsi “T” ýa-da “U” immigrant däl statuslary barada bilmeýärler we belkide size bu babatda kömek berýän adamlara bu barada aýtmaly bolup bilersiňiz.

**Adam söwdasynyň pidalary üçin haýsy hyzmatlar elýeterli?**

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda adam söwdasynyň pidalary federal ýa-da ştat maksatnamalarynyň çäklerinde ýeňilliklere, hyzmatlara we immigrasion ýeňilliklere hukugy bardyr. Guramalaryň köpüsi size bu ýeňilliklerden, şol sanda lukmançylyk/diş lukmançylyk kömegini, psihiatriki kömegini, ýaşaýyş ýerini, immigrasiýa üçin hukuk kömegini we beýleki hukuk kömegini, işe ýerleşmekde kömek we sosial ýeňillikleri almaga kömek edip bilýär.

## HAS KÖP MAGLUMAT ALMAK ÜÇIN ŞU AŞAKDAKY WEB SAHYPALARY AÇYŇ:

- Wiza almak prossesi we öz wizaňyz üçin: *usvisas.state.gov*.
- Adam söwdasy barada: *www.state.gov/j/tip/*.
- J-1 çalşyk wiza maksatnamasy barada: *j1visa.state.gov*.
- Deňlik, şeýle hem siziň urugyňyz, teniňiziň reňki, diniňiz, jynsyňyz (şol sanda göwrelilik), milli gelip çykyşyňyz, ýaşyňyz (40 we ondan ýokary), mümkinçiligi çäklendirilen bolmagyňyz ýa-da genetiki maglumatyňyz sebäpli iş ýerinde diskriminasiýadan azat bolmak hukugy we diskriminasiýa barada arza bermek üçin: *www.eeoc.gov*.
- Iş ýeriňizde howpsuzlyk hukugy ýa-da siziň işiňiz siziň howpsuz däl diýip pikir edýän bolsaňyz we iş ýeriňizi barlatmak üçin: *www.osha.gov*.
- Iş berijiňiz tarapyndan tölenmedik zähmet hakyňyzy nädip almaly: *webapps.dol.gov/wow*.
- Adalatly zähmet hakyny almak hukugyňyz we zähmet haky babatynda arza bermek: *www.dol.gov/WHD/immigration*.
- Raýatlyk statusyňyz sebäpli diskriminasiýa sezewar bolmazlyk hukugyňyz we diskriminasiýa barada arza bermek üçin: *www.justice.gov/crt/filing-charge*.
- Öz zähmet hakyňyzy ýa-da iş şertleriňizi gowulandyrmak üçin başga işgärlere goşulma hukugyňyz hem-de bu barada arza bermek üçin: *www.nlrb.gov*.
- Siziň saglyk ätiýaçlandyrmasyna hukugyňyz, borçlaryňyz we boşadylmagyňyz barada: *localhelp.healthcare.gov* (iňlis dilinde) we *ayudalocal.cuidadodesalud.gov* (ispan dilinde).

MASLAHAT: Siziň işlän ähli wagtyňyzy hasaba almak gowy pikir. Bir depder alyň we öz işlän ähli günleriňizi we sagatlaryňyzy, size tölenen zähmet hakyny, zähmet hakyny alan günleriňizi, siziň hakyňyzdan saklanan ähli tutumlary hem-de bu tutumlaryň sebäplerini belläň.

## HEPDELIK IŞIŇ HASABYNYŇ NUSGASY

| Işgär: | | Ýolbaşçy: | |
|---|---|---|---|
| Sene | Işler | Sagatlar | Töleg |
| | | Gelen:______________<br>Giden: ______________<br>Jemi: ______________ | |
| | | Gelen:______________<br>Giden: ______________<br>Jemi: ______________ | |

Bu kitapça Adam söwdasynyň pidalaryna gaýtadan rugsat bermek baradaky 2008-nji ýylyň Uilýam Uilberfors kanunyň 202 belgili bölümine esaslanyp taýýarlandy, Jemgyýetçilik kanuny 110-457.